Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 21-nji dekabrynda çykaran 148-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibini tassyklamak hakynda»**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 7-nji bendini ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Ministriň orunbasary N.Jumaşowa tabşyrmaly.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak
ministriniň 2023-nji ýylyň 21-nji dekabrynda
çykaran 148-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlandy we Türkmenistanyň çägindäki aw baýlyklary baradaky maglumatlary bir umumy resminama toplamagyň, jemlemegiň, peýdalanmagyň we ulgamlaşdyrmagyň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **aw baýlyklary**– «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hem-de aw hojalygyny ýöretmek babatda işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan, Türkmenistanyň çäginde tebigy erkin ýagdaýda ýa-da ýarym erkin ýagdaýda ýaşaýan haýwanat dünýäsiniň obýektleri;

2) **aw obýektleri** – aw baýlyklaryna degişli bolan tebigy erkin ýagdaýda ýa-da ýarym erkin ýagdaýda ýaşaýan ýabany haýwanlar;

3) **aw baýlyklaryna gözegçilik (monitoring)** – aw baýlyklarynyň we aw obýektleriniň ýaýramagyna, sanyna, fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna, ýaşaýyş gurşawynyň meýdanyna we hiline yzygiderli gözegçilik, monitoring we barlag ulgamy;

4) **aw baýlyklarynyň döwlet kadastry** – özünde aw baýlyklarynyň görnüşleriniň geografik ýaýraýşyny, mukdar we hil häsiýetnamalaryny, olary peýdalanmak barada maglumatlary, şeýle hem olaryň goragyny we durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek üçin gerek bolan beýleki maglumatlary jemleýän maglumatlaryň ulgamlaşdyrylan jemi;

5) **aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar** – berkidilen aw meýdanlarynda ýa-da aw hojalyklarynda aw baýlyklaryndan peýdalanmaga hukuk alan ýuridik şahslar, şeýle hem umumy peýdalanylýan aw meýdanlarynda aw baýlyklaryndan peýdalanmaga hukugy bolan fiziki şahslar;

6) **aw hojalygyny ýörediji** – aw hojalygyny ýöretmeklige hukugy bolan Türkmenistanyň ýuridik şahsy;

7) **ygtyýarlandyrylan edara** – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

3. Aw baýlyklarynyň döwlet kadastry - aw baýlyklary baradaky maglumatlary ulgamlaşdyryp özünde jemleýän (kitap we elektron görnüşinde) resminamadyr.

4. Aw baýlyklary barada bir ulgama birikdirilen maglumat toplumyny döretmek we aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibini we ony ýöredýän jogapkär hünärmeni kesgitlemek şu Tertibiň maksady bolup durýar.

5. Aw baýlyklarynyň döwlet kadastry (mundan beýläk – Döwlet kadastry) Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan aw baýlyklaryna gözegçilik edýän Ygtyýarlandyrylan edaranyň garamagyndaky goraghanalaryň, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylaryň, aw hojalygyny ýöredijileriň, Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýetiniň her aýda aw baýlyklarynyň görnüşleriniň geografik ýaýraýşy, aw baýlyklarynyň görnüşleriniň mukdary, aw baýlyklarynyň hil häsiýetnamalary, aw baýlyklaryny durnukly peýdalanmak we aw baýlyklarynyň goragy bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän işleri barada berýän maglumatlarynyň esasynda ulgam boýunça ýeke-täk görnüşde alnyp barylýar.

6. Döwlet kadastryna girizilýän maglumatlar gyzyklanýan şahslar üçin elýeter bolmalydyr. Gyzyklanýan şahslaryň resmi ýüz tutmalary esasynda Ygtyýarlandyrylan edara Döwlet kadastryndan soralýan maglumatlary bir aýyň dowamynda berýär.

## II bap. Döwlet kadastrynyň maksady we Döwlet kadastryny ýöretmegiň esasy ýörelgeleri

7. Döwlet kadastry şu maksatlar bilen ýöredilýär:

1) aw baýlyklarynyň durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek;

2) aw baýlyklarynyň rejeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna, şeýle hem olaryň ýagdaýynyň üýtgemelerine gözegçiligiň (monitoring) geçirilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

3) aw baýlyklarynyň sanynyň belli bir derejede saklanylmagyna we ýokarlanmagyna gönükdirilen çäreleri geçirmek;

4) aw baýlyklary babatynda zerur maglumatlary bir ulgama jemlemek.

8. Döwlet kadastryny ýöretmegiň esasy ýörelgeleri şulardan ybarat:

1) Türkmenistanyň çäginde Döwlet kadastryny ýöretmegiň usulyýetiniň ýeke-täkligi;

2) Türkmenistanyň çäginde ähli aw baýlyklaryny öz içine almagy;

3) döwlet kadastr resminamalarynyň aw baýlyklary baradaky maglumatlarynyň dogrulygy we olaryň gyzyklanýan şahslar üçin elýeterliligi;

4) aw baýlyklary hakyndaky üýtgäp durýan maglumatlaryň döwlet kadastr resminamalaryna girizilmeginiň üznüksizligi;

5) Türkmenistanyň aw baýlyklary hakyndaky maglumatlaryň döwlet kadastryna girizilmeginiň hökmanylygy.

## III bap. Döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibi

9. Döwlet kadastry Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan döredilýär we ýöredilýär.

10. Ygtyýarlandyrylan edaranyň başlygynyň buýrugy bilen Döwlet kadastryny ýöredýän jogapkär hünärmen bellenýär. Ol Döwlet kadastr maglumatlaryna birugsat ygtyýarlyk edilmezligini üpjün etmelidir, maglumatlaryň galplaşdyrylmagyndan, ýoýulmagyndan we düzüminiň birugsat üýtgedilmeginden goramak boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

11. Döwlet kadastrynyň (şu Tertibe goşundy) ýöredilmegi ýeke-täk usulyýet boýunça amala aşyrylýar hem-de aw baýlyklary, aw obýektleri baradaky maglumatlary toplamak, resmileşdirmek, ulgamlaşdyrmak, täzelemek, işläp taýýarlamak, hasaba almak we saklamak boýunça işleri özünde jemleýär.

12. Döwlet kadastryny ýöretmek birmeňzeş hukuk güýjüne eýe bolan kagyz we elektron görnüşinde amala aşyrylýar. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda, kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

13. Döwlet kadastryna aşakdaky maglumatlar girizilýär:

1) aw baýlyklarynyň görnüşleriniň geografik ýaýraýşy;

2) aw baýlyklarynyň görnüşleriniň mukdary;

3) aw baýlyklarynyň hil häsiýetnamalary;

4) aw baýlyklaryny durnukly peýdalanmak;

5) aw baýlyklarynyň goragy.

14. Döwlet kadastryna girizilýän maglumatlar yzygiderlilik boýunça sanlar bilen belgilenip, ýazgylaryň arasynda boş setirler goýulmazdan ýöredilýär we onuň sahypalary dolandan soňra onuň näçe sahypadan we näçe belgili ýazgydan ybaratdygy barada bellik edilip, ýapylýar.

15. Döwlet kadastrynyň sahypalarynyň ýok edilmegine, şeýle hem olardan haýsy-da bolsa bir resminamalaryň aýrylmagyna ýol berilmeýär.

16. Döwlet kadastrynyň sahypalary belgilenen, dikilen görnüşde bolup, onuň soňky sahypasynda Döwlet kadastrynyň näçe sahypadan ybaratdygy barada bellik edilip, Ygtyýarlandyrylan edaranyň başlygynyň goly we möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr.

17. Döwlet kadastry hemişelik saklanýan resminamalara degişli bolup, olaryň ýok edilmegi gadagandyr.

18. Döwlet kadastryna girizilýän maglumatlar arassa, anyk we yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça ýöredilýär. Döwlet kadastryndaky ýazgylaryň galam bilen ýazylmagyna ýol berilmeýär.

19. Döwlet kadastryna girizilmäge degişli bolan maglumatlar doly we dogry bolmadyk ýagdaýynda Ygtyýarlandyrylan edara maglumaty kabul etmekden ýüz döndeýär we kemçilikleri düzetmeklik üçin 5 (bäş) iş gün möhlet belläp maglumaty yzyna ugradýar.

20. Döwlet kadastry Ygtyýarlandyrylan edarada saklanýar. Döwlet kadastryna girizilen maglumatlaryň doly we dogry bolmagyna, maglumatlaryň aýma-aý girizilmegine, goraglylygyna Ygtyýarlandyrylan edara jogapkärçilik çekýär.

21. Döwlet kadastry degişli ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň ýerine ýetirilmegi bilen saklanylmaga degişlidir.

22. Döwlet kadastrynyň maglumatlary aw baýlyklarynyň ýaýramagyna, sanyna, fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna döwlet gözegçiligi (monitoringi) amala aşyrylanda, şeýle hem aw baýlyklaryny rejeli peýdalanmak we olary gorap saklamak babatda döwlet syýasaty emele getirilende we durmuşa geçirilende peýdalanylýar.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

23. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine Ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

24. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

25. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

26. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Aw baýlyklarynyň döwlet kadastryny
ýöretmegiň tertibine goşundy

**Aw baýlyklarynyň döwlet kadastry**

| T/b | Aw baýlyklarynyň görnüşleriniň geografik ýaýraýşy | Aw baýlyklarynyň görnüşleriniň mukdary | Aw baýlyklarynyň hil häsiýetnamalary | Aw baýlyklaryny durnukly peýdalanmak | Aw baýlyklarynyň goragy | Jogapkär işgär |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |
| | | | | | | |

______________ ____________________________________________

_

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda 1758 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.